# Dünýäniñ in täsin kanunlary

Category: Geň-taňsy wakalar,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dünýäniñ in täsin kanunlary

DÜNÝÄNIÑ IÑ TÄSIN KANUNLARY

Gazet-žurnallarda we teleýaýlymlarda berilýän gündelik habarlarda häli-şindi täze-täze kanunlaryñ çykýandygyny görýäris. Çykýan käbir kanunlara bolsa "Heý, şeýle-de bir zat bormy?" diýenimizi duýman galýarys. Aşakda sanawa alnan daşary ýurtlaryñ käbir täsin kanunlaryny göreniñizde haýranyñyz hekgerse gerek.

■ Amerikanyñ Birleşen Ştatlary

Sanawymyzyñ başyny ABŞ-nyñ Tehas ştaty çekýär. Eger Tehasda maldarçylyk bilen meşgullanýan bolsañyz we bardy-geldi bir ýalñyşlyk bilen başga biriniñ sygyryny sagaýsañyz şol gijäni polisiýanyñ wagtlaýyn gabawhanasyna geçirmegiñiz mümkin. Ullakan bir temmi çäresi bolmasa-da, saglan sygryñ eýesi sizden öweztölegi talap edip biler.

■ Angliýa

Häli-häzirem korol maşgalasynyñ ýurt dolandyryşynda uly täsiiri bolan Angliýada aklyña sygmajak kanunlar dowam edýär. Aslynda iñlisler uzak wagtlap we häzirem dowam edip gelýän tertipdir düzgünleri üýtgedip durmagy o diýenbir halamaýan jemgyýet. Belkäm şonuñ üçindir olar dünýäniñ iñ täsin kanunlary sanawymyza girmegi başardylar. Angliýada parlementiñ binasynda ölmek gadagan, hatda jenaýat! Bu kanun şeýle bir täsin welin, teswirlemäge söz ejiz gelýär. Eger bardy-geldi özüñiziñ sanalgyñyzyñ dolup barýandygyny duýsañyz ýa-da sanalgyñyz dolup barýan ýaly duýgyny başdan geçirseñiz, edil şol wagtam parlamentiñ binasynyñ içinde bolsañyz, derhal daşary ylgasañyz özüñiz üçinem, yzyñyzda galan hossarlaryñyz

üçinem bähbitli bolar.

■ Fransiýa

Başga bir täsin kanun Fransiýada bar. Fransuzlar öz taryhlaryna diýseň üns berýän halk. Fransuzlarda ýedi ýaşdan ýetmiş ýaşa çenli öz döwründe dünýä taryhyna ýañ salan meşhur Napoleony dagy bilmeýän ýok.
Fransiýada Napoleona bolan söýgiñi görkezmek we ony häzirem hormat bilen ýatlaýandygyñy delillendirmek üçin öz saklaýan doñzyñ adyna Napoleon dakmak kanuny gödek bozmakdyr. Eger haýsydyr bir polisiýa işgäriniñ ýanynda doñuzyñy "Napoleon" diýip çagyrsañ, dessine ökjä tüýkürip gaçmaly bolarsyñyz.

■ Taýlandiýa

Taýlandlar buddizm dinine durky bilen baglanan we buddizmiñ kada-kanunlaryny resmi kanunlara girizen jemgyýetdir. Buddizm ynanjyna görä içki eşiksiz gezmek bolanok. Taýlandiýanyñ adalat ministrligi bu ynanjy hereket edýän resmi kanunlara girizip hökmany berjaý edilmeli düzgüne öwürmegi başardy. Eger bir gün ýoluñyz Taýlandiýa düşse, ýurduñ köçelerinde gezip ýörkäñiz eşigiñiziñ içinde hökman içki eşigiñiz bolsun. Şeýle ýagdaýda saklanan ýagdaýynyzda, iñ bolmanda öz ýurduñyzyñ şol ýerdäki konsullygynyñ telefon belgisini ýanbloknodyñyza belläp almasañyz we degişli ýerine haýal etmän habar edip bilmeseñiz, siziñ syýahatyñyzyñ mazasyny gaçyryp bilerler.

■ San Salwador

San Salwador köçe-ýol hereketi düzgünlerine diýseñ üns berýän ýurt. Meselem, bir gijeki bara gitdiñiz diýeli, ol ýerde-de biraz içip serhoş bolduñyz. Soñra gaýtjak bolup köçą çykypsyñyz, öýe özüñizi atmaga taksi-de duşanok. Onsoñ "öýem ýakynja-la, öz awtoulagymda derrewjik bararyn, hiç kim görmezem, bilmezem" diýip, öz ulagyñyzyñ ruluna münüp gyp berdiñiz diýeli. Edil şol wagtam bir ýerlerden zomp edip polisiýanyñ ýol gözegçilik gullugynyñ işgäri öñüñizden çykdy.

Näme bolar öýdýärsiňiz? Jerime bilen ýa bolmasa ýokarlarda bir ýerlerde işleýän tanyş-bilşiňizdir garyndaşyňyza jaň edip syparyn diýib-ä pikirem etmäň. Çünki San Salwadorda serhoş ýagdaýda awtoulag sürüp saklansaňyz göni gyzgyn gülläniň öňüne düzülersinuz. Ýagny, atuw jezasy! Diýseň gazaply, emma täsirli kanun. Şonuň üçin San Salwadoryň köçelerinde içgili awtoulag sürüp ýören bir raýata-da duş gelmersiňiz.

■ Singapur

Singapur ekologiki arassaçylyga diýseň üns berýän ýurt. Singapurda hiç bir raýatyň ýere sakgyç oklanyny, ýatda agzyndan gaçyranyny görmersiňiz. Ýere sakgyç taşlamagyň ep-esli jerimesi bar. Eger Singapura ýoluňyz düşse, arassa tebigatyň lezzetini alyp agaýana gezelenç edip bilersiňiz. Tebigaty arassa saklamak we düzgün-tertip üçin geňsiräk, emma diýseň ýerlikli kanun.

■ Germaniýa

Germaniýanyň kanunlarynda ýassyk sowuk ýaraglaryň sanawyna girýär. Munuň näme üçin şeýlediguni göwnejaý teswirläp biljek çeşme tapyp bilmedik. Emma tomaşa edýän uruşganly kinofilmlerimize üns bersek, onda adamy ýassyk bilen demikdirip öldürmek, ýassygy sapançanyň niliniň öňüne tutmak, ýagny atyşyň sesini peseltmek ýaly ýerlerde ulanylýandygy üçin sowuk ýaraglaryň hataryna goşan bolmaklary ahmal diýip çak etse bolar. Şeýle-de sowuk ýarag hökmünde är-aýalyň arasynda turýan oňuşmazçylykly dawalarda biri-biriňe garşy ulanylýan gural hökmünde görkezilmegi-de aýratyn üns berilmeli ýagdaý.

■ Şweýsariýa

Şweýsariýada ýaşaýan erkekler sagat 22:00-dan soň hajathana girende gaty seresaply bolmasa bolmaýar. Sebäbi gije sagat 22:00-dan soň erkekleriň aýak üstünde kiçi meýdan etmegi düzgün bozulma hasaplanýar. Şol bir wagtyň özünde 22:00-dan doň hajathananyň  suwuny çekmek hem aýry düzgün bozulma. Mahlasy, Şweýsariýada ýaşaýan erkekler ýa-da Şweýsariýa

syýahata gidýän erkekler hajathana girende seresaplyja girip-çyksalar özleri üçinem gowy bolar…

■ Bangladeş

Daşyndan göräýmäge ylym-bilime onçakly üns bermeýän ýurt ýaly bolup görünýän Bangladeşde ýagdaý aslynda beýle-de däl. Ekzamende şpirgalka ulanyp ele düşseñiz, kanuny ýagdaýda jenaýatkär hasaplanarsyñyz we şobada mugallyñyz sizi polisiýa bölümine tabşyrar. Şonuñ üçin eger Bangladeşde okaýam bolsañyz, şpirgalka ulanyp ele düşeniñizden, iñ gowusy ekzamenden ýykylyp, gelejekki ýylda özüñizden soňky kurs bilen bile okañyz has amatly bolar.

■ Gresiýa

Gresiýada ökjeli köwüş geýmek gadagan. Erkekler-ä geýmän oñar welin, şpilka (ökjeli köwüş) geýmese bolmaýan aýallara-ha bu gadagançylyk kyn düşse gerek. Ýogsa-da Gresiýada ökjeli köwüş geýmek näme üçin gadagan edildikä?
Gresiýa taryhy mirasyna diýseñ üns berýän ýurtlaryñ hataryna girýär. Gresiýanyñ taryhy şäherlerinde bu kanun doly güýjünde ulanylýar. Bu düzgün ökjeli aýakgaplaryñ berýän agramy grek taryhynyñ gömlüp ýatan topraklaryna zyýan bermesin diýip girizilipdir. Her ýyl on müñlerçe syýahatçynyñ dolup-daşýan ýerlerini göz öñüne getirsek, onda bu düzgüniñ gaty bir ýerliksiz däldigini-de düşünse bolýar.

Internet maglumatlary esasynda taýýarlanyldy.

Geň-taňsy wakalar